# Mikroraýonda ýaşaýan 60 ýaşly gojanyñ aýalyna aýdany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Mikroraýonda ýaşaýan 60 ýaşly gojanyñ aýalyna aýdany
Mikroraýonda ýaşaýan altmyş ýaşly gojanyň aýalyna aýdany

Ak gara duwlanyp gelende ýanwar,
Doňanda ýaplaryň durnagöz suwy.
Jaýymyz sowuk – diýp, gam çekme dildar,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Birinjiden, munuň şemaly bolmaz,
Şemalsyz sowugyň azary bolmaz,
Üstüňi gar örtjek gümany bolmaz,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Ikinjiden, tagta poldur aşagy,
Aşak dürüs bolsa, besdir gyş aýy,
Şulardan soň, onsoň nädip üşäli,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Batareýa bary hatarma-hatar,
Üstün gyrawladyp, pikire batar,
Ynha, hä diýmänkäň aprelem ýeter,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Altmyşyň ýelgini eliňdekä ýar,
Gam çekmegin, gama batma giriftar,
Esasy zat: öýümizde ýorgan bar,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Halyl KULYÝEW Goşgular